# This document has been provided by the International Center for Not-for-Profit Law (ICNL).

ICNL is the leading source for information on the legal environment for civil society and public participation. Since 1992, ICNL has served as a resource to civil society leaders, government officials, and the donor community in over 90 countries.

Visit ICNL's **Online Library** at http://www.icnl.org/knowledge/library/index.php for further resources and research from countries all over the world.

Disclaimers

**Content.** The information provided herein is for general informational and educational purposes only. It is not intended and should not be construed to constitute legal advice. The information contained herein may not be applicable in all situations and may not, after the date of its presentation, even reflect the most current authority. Nothing contained herein should be relied or acted upon without the benefit of legal advice based upon the particular facts and circumstances presented, and nothing herein should be construed otherwise.

**Translations.** Translations by ICNL of any materials into other languages are intended solely as a convenience. Translation accuracy is not guaranteed nor implied. If any questions arise related to the accuracy of a translation, please refer to the original language official version of the document. Any discrepancies or differences created in the translation are not binding and have no legal effect for compliance or enforcement purposes.

**Warranty and Limitation of Liability.** Although ICNL uses reasonable efforts to include accurate and up-to-date information herein, ICNL makes no warranties or representations of any kind as to its accuracy, currency or completeness. You agree that access to and use of this document and the content thereof is at your own risk. ICNL disclaims all warranties of any kind, express or implied. Neither ICNL nor any party involved in creating, producing or delivering this document shall be liable for any damages whatsoever arising out of access to, use of or inability to use this document, or any errors or omissions in the content thereof.

# Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary

**21 Baýdak 2003 ý.                6135                şgabat ş.**

**Daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmeginiň, ondan gitmeginiň we onda bolmagynyň tertibini kämilleşdirmek hakynda**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2003 ý., № 2, 103 - madda)

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 31.05.2004ý çykaran № 6738, 13.07.2005 ý. çykaran № 7367 we 11.05.2010 ý. çykaran № 11056 kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmegini, ondan gitmegini we onda bolmagyny mundan beýläk-de tertipleşdirmek, daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy ýok adamlary ýaşaýan ýerinde hasaba almagy üpjün etmek, olaryň Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryny berjaý edişine gözegçiligi güýçlendirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. 1-nji bölümi Türkmenistanyň Prezidentiniň 11.05.2010 ý. çykaran № 11056 karary esasynda güýjüni ýitiren.

2. Daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmeginiň, ondan gitmeginiň we onda bolmagynyň tertibiniň bozulandygy üçin jogapkarçiligi güýçlendirmek maksady bilen;

a) daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň şu karar bilen tassyklanylan Düzgünnamany we daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmeginiň, ondan gitmeginiň we onda bolmagynyň tertibini düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny bozmagy iň pes zähmet hakynyň 10-ysyndan 20-sine çenli möçberde jerime salynmagyna ýa-da soňra Türkmenistana gelmegi 5 ýyla çenli möhlete çäklendirmek bilen Türkmenistandan çykarylmagyna;

b) Türkmenistanda daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy ýok adamlary kabul edýän eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň wezipeli adamlarynyň olary hasaba almagyň, olara ygtyýarnamalary resmileşdirmegiň we uzaltmagyň, olar üçin Türkmenistanda ýaşamaga, hereket etmäge we ýaşaýan ýerini üýtgetmäge hukuk üçin namalary resmileşdirmegiň bellenilen tertibini bozmagy iň pes zähmet hakynyň 10-ysyndan 20-sine çenli möçberde jerime salynmagyna;

ç) daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy ýok adamlary hususy işler boýunça Türkmenistana çagyran raýatlaryň olary öz wagtynda hasaba almagy üpjün etmek, şeýle hem geliş ygtyýarnamalarynyň möhletiniň geçmegi bilen olaryň Türkmenistandan gitmegini üpjün etmek boýunça çäreleri görmezligi, şonuň ýaly-da daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara bellenilen kadalary bozup, ýaşaýyş jaýyny, ulag serişdelerini bermegi ýa-da olara beýleki hyzmatlary etmegi iň pes zähmet hakynyň 10-syndan 20-sine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär diýip bellemeli.

3. "Daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmeginiň, gitmeginiň we bolmagynyň tertibini kämilleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň Ruhnama aýynyň 9-ynda çykaran № 4348 karary bilen tassyklanylan, Daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmeginiň, gitmeginiň we bolmagynyň tertibi hakyndaky Düzgünnamany (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 1999-njy ýyl, № 9, 473-nji madda);

"Türkmenistanyň konsullyk ýygymlaryny almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 30-ynda çykaran № 6041 kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

4. Türkmenistanyň Ýustisiýa ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi we Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we

goşmaçalary Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna girizmek hakyndaky teklipleri bir hepde möhletde taýýarlamaly we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bellenilen tertipde bermeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat Türkmenbaşy**